# Unut, sen meni unut!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Unut, sen meni unut! UNUT, SEN MENI UNUT!

Unut,
Sen meni unut!
Yrsara,
Saý meni ömür ýagmajak
Bulut.
Unut,
Sen meni unut!

Bahar gelip,
Gapyňyzdan jyklanda,
Meni görjek bolup penjiräňizden
Jyklama, unut!
Käte ýakyn adamlarňy ýoklanda,
Meni nätanyş saý
Ýa sypdyr gözden,
Ýoklama, unut!
Tolgunma baharyň aýdymlaryna.
Çoýunma tomusa,
Näzik kalbyňy
Otlama, unut!
Parhsyz gara geçen günleň baryna,
Ýum gözüňi, janym, olaň birinem
Ýatlama, unut!

Aldanma sen
Boş hyýallaň alyna,
Dowamy ýok başlangyja guwanma.
Duşdan geçen pursat ýene alnyňa
Gaýdyp geler diýseler-de ynanma,
Gaharlanma,
Çytma gaşyň, aýyp bor

Hemem bizi giç duşuran ykbala
Käýinme unut!
Ýöne sen, isleseň, meni aýypla,
Sebäp gözlemäýin özüm aklara,
Kaýyl men, unut!

Kaýyl men,
Gorkak saý, gepe düşmez saý,
Doň ýürekleň hataryna goş meni.
Hökümli bakyşlaryň, goý,
Ýandyrsyn, dowzaha duş etsin meni.
Kaýyl men,
Gezeýin nalalar dartyp,
Kalbymdaky ýaralarym, goý, ömür
Bitmesin, unut!
Diňe seň tozuňy gözlerne sürtüp
Ýören ýigdiň birden ýüregne şikes
Ýetmesin, unut!

Kyn düşse-de,
Aýralygyň azaryn
Çekip-çydaryn.
Garaz, ýyldyrym dek geçen şo günleň
Begenjin,
Gynanjyn– baryn
Unutjak borun.

Ýöne olam birden maňa başartman,
Yzyňda ýegşerlip,
Galsam-da, unut!
Seni ömür-baky unutmajagmy
Bilseňde, unut!

Unut
Şol ýigidiň hatyrasyna,
Saý meni hiç mahal ýagmajak bulut,
Unut!
Sen meni unut!

Italmaz NURYÝEW. Goşgular